# Goja esgeriñ gündeligi: Ergeşowyñ edermenligi

Category: Kitapcy,Söhbetdeşlik,Ýatlamalar
написано kitapcy | 26 января, 2025
Goja esgeriñ gündeligi: Ergeşowyñ edermenligi ERGEŞOWYŇ EDERMENLIGI



«Dänew etrabynyň Boýnyuzyn demir ýol duralgasynda ýaşaýan Resul Ergeşow ýata syrkaw».
Etrabyň weteranlar guramasynyň başlygy S.Seýitnyýazowyň meniň ýazan hatyma jogabyndaky habar meni howsala düşürdi. Derrew ýola şaýlandym.
Geçen urşuň gazaplarynda bile gaýnan Habyp Hajyýewiň Dänew etrap merkezinde ýaşaýan ýalňyz zürýady – Atanyýaz meni Resul agalara eltdi. Görsem, her egninde bir pelekeş pyýada oturybermeli dostumyň haly teň, gurt bolup ýatyr. Ysmaza ýolugyp, bir tarapy hereketden galan eken. Dostumy ýatan ýerinde garsa gujakladym. Dert basmarlapdyr. Ýaş

könelişdigiçe, ýürek ýukalýar. Ozalky taby saklamak aňsat düşenok. Göz owalar biygtyýar okaralanýar. Boýy iki metre barabar, köşek gözleri ýanyp duran, nurana ýüzüni haýbatly görkezip, pezzelenýän pişge murtlary sallanypdyr.
Ata-babalarymyzyň: «Bir nahal oturdyp, daragt ýetişdireniň, ýol çatrygynda guýy gazdyranyň, syrkaw soranyň iki dünýäsi abatdyr» diyen pähimine eýerip, men dostumyň çöken göwnüni götermäge çalyşdym. Çaý başynda söweşen ýyllarymyzy ýatlaşdyk. Batalýonymyzda gullukdaşlarymyz murtunyň menzeşligi üçin Resuly Budýonnyý atlandyryardylar. Arakesmede her ýanyndan iki esger-dört kişi bolup, Ergeşowyň üstüne eňerdi. Resul duran ýerinden butnaman, gezek- gezegine dördüsini-de biri-birine ýaplap, özi-de läheň göwresini olaryň üstüne atardy. Ýaşlyk ýyllarynyň şu hili pursatlaryny ýatlaşdyk weli, söweşdeş dostumyň syrkawlykdan solgunlan meňzi röwşenleşip ugrady. Men etrabyň durmuş taýdan üpjünçilik bölümine baryp, ýaşulynyň ýagdaýyny düşündirdim.
Lukmanlar gana suwsanlaryň garşysyna aldym-berdimli jeňlerde iki gezek agyr ýaralanan, R.Ergeşowyň ozalky hem-de häzirki hal-ýagdaýyny nazara alyp, urşuň 2-nji derejeli maýybydygyny ykrar etdiler. Beýleki derwaýys ýardamlar berildi. Şeýdibem dag deýin pyýada dört aýlap ýatan düşegini düýrledi. Şükür, ömürsaly togsany tozadyp ýör.
Goňşulary Resul aganyň hakyky babadaýhan neslidigini tekrarlaýarlar. Şeýle diýmezçe-de däl. Melleginde miweli daragtlaryň adyny tutanyň önümini güjeňleşip otyr. Erik, üzüm, şetdaly, alma, nar, ülje, hoz, hurma, gök önümleriň her hilisi gözüňi dokundyrýar. Maşgalasyna ýeterlik ak bugdaýy hem öz gapysynda öndürýär. Ýaşuly özüne imrindirýän lälezarlyga nazar aýlanynda oý-pikirini daşyna çykarýar:
– Men diňe matany, egin-eşigi, çaý-süýjüni dükandan alýan. Galanlarynyň ählisini mellegimde ýetişdirýän. Towuk, sygyr, dowar beýlekilerden hojalygymyza derkaryny saklaýan. Pederlerimiziň: «Yeriň iki bolsa, birine ot ek» diýenine eýerip, gapymyzdaky mal- garalarymyzy iýmden, ot-çöpden hor-zar edemok. Ene ýere hyzmat etmek biziň içerimizde arkama-arka aýlanyp duran pişe. Ol biziň ganymyza siňen. Özüň bilýäň, Seýitmämmet inim, «Gan bilen girenem diňe jan bilen çykýar».
Desterhandaky guradylan peýwende erikleriň biri agza sygardan uly. Resul aga mesawy söhbetdeşlikde bu iýmişiň emlik häsiýetlerini ýaňzydýar:

– Erigi köp iýmeli. Şonda ýürek agyrmaýar. Munda esasy syna nepli karatin kän.

Goja öten ýyl bizde myhmançylykda boldy. Ýene birki ýyldan togsany tegelemeli. Wagty hoş, keýpi kök. Belent mertebeli Prezidentimize minnetdarlygynyň çägi ýok. Yurt Baştutanymyzdan hoşallygynyň, göwnibitginliginiň delilleriniň örän uçursyzdygyny nygtap, hamyr ujundan petir edýär:

– Mala, ýere, önümiňe salgyt saldyranok. «Edebiň ýagşysy ulyny syla» eýerip, ýaşululara hormaty uçursyz.

Il-gün, päk niýetli külli adamzat uruşdan ellibizar. Güýç synanyşyp, çaknyşyp, gan döküp, baş berip, ser kesmekde bäsleşmeli däl-de, ynsanýete bolelin ýaşamaga gowudan-gowy şert, mümkinçilik döretmeli hem ýardam etmeli. Ýer ýüzüni gara penjesine gysyp, ilatyny elgarama etmek islän, päli azan, birehim, zalym Gitler gazan çukuryna özi düşdi.

Watan üstüne aýylganç howp abananda ýüňi ýeten goç ýigitler garysyna galyp, ýurtbasarlary amana getirmek üçin gazap donuny geýýär. Asmanymyzyň asuda, ýurdumyzyň parahat çagynda mele toprakly meýdanda gowaça ekip, bol hasyl ýetişdirmegiň ussady Resul Ergeşow polat pilinem atgyr ýaraga çalyşýar. Kyrk ikide fronta ugraýar.

Birinji Ukrain frontunda awtomaty bilen basybalyjylary paýhynlaýar. Ýurduň obalarydyr şäherlerini, şol sanda Poltawany, Dnepropetrowskini wagşylardan azat etmäge işjeň gatnaşýar. Şonda 067/n belgili buýruk bilen Ergeşow «Söweşjeňligi üçin» diýen medal bilen sylaglanýar. Kyrk üçde agyr ýaralanýar. Edermen esgeriň ýarawlylyk ýagdaýyna içgin göz ýetiren harby halasgärleriň tagallasy bilen alty aý möhlet bilen saglygyny pugtalandyrmak üçin obasyna ugradylýar.

Kyrk dörtde gaýtadan fronta ýollanylýar. Şonda 23-nji gwardiýaçy Dno, Berlin şäherleriniň adyny göterýän atyjylyk diwiziýanyň 66-njy polkunyň düzüminde ganymyň garşysyna göreşini dowam etdirýär. Wisla, Şnaýdemýul, Oder, Berlin operasiýalarynda hakyky watançylyk nusgasyny görkezýär.

Berliniň köçelerindäki ýowuz darkaşlarda peleň sypatly, şir ýürekli gerçek dana şahyrymyzyň:

*«Bir musulman gaçsa, iki kapyrdan*

*Kellesine saňsar daşy gerekdir»*

– diýenini baýdak edinip, wagşylaryň üç gezekki hüjümini serpikdirmekde gözsüz batyrlyk edýär. Ýaragyny rejeli ulanyp,

frisleriň 16-synyň janyny jähenneme ýollaýar. Edermen Ergeşowyň duşmana daraýşy, kellesini etegine salyp, buýruklarydyr tabşyryklary ýerine ýetirmekde hiç zatdan heder etmezligi, gorky-ürküni bilmezligi lebaply esgeriň hökümet sylaglaryna hödürlenen tarypnamalarynda teswirlenilýär.
Seržant R.Ergeşow «Watançylyk urşy» ordeniniň 1-nji derejelisi bilen sylaglanýar. Onuň gapdalynda gerçegiň gahrymançylygyna güwä geçýän söweşjeň medallaryň 8-i merdi-merdanyň gapak deýin döşünde front menzillerine ýalkym saçýan kimin güneş nuruna lowurdaýar.
Ýer ýüzüne gan çaýkan, älemi ýandyryp-köýdüren urşuň lowlan ody söndürildi. Söweşdeşleriniň aglabasynyň depesinden garaýan Resul göwresiniň äpetligine garamazdan, özüne erk etmekde örän çalasyndy. Dünýä ýalnyny çabradan urşuň deslapky döwründe Ukrainadan Germaniýa alnyp gidilen ummasyz baýlyklaryň arasynda halkymyzyň göz-guwanjy bedewlerimize gözi düşende türkmenistanly esgerleriň jigeri jigläp, ýürekleri gyýylýar. Duşmana gahar-gazabyny joşdurýar. Şol saýlama atlaryň bir toplumy kyrk bäşiň maý-awgust aýlarynda Ukrainanyň Puružan raýonynyň kolhozlaryna tabşyrylýar. Kolhozçylar atlary elten Ergeşow dagyny gujaklaryny gerip garşylaýarlar, çyn ýürekden minnetdarlyk bildirip, sowgatly ugradýarlar.



Resul aga kyrk altyda dogduk depesine dolanýar. Front meýdanyndan gelen dessine babadaýhançylyk kesbini dowam etdirýär. Ýüz yigrimi kilogram çuwallary gördümem etmän gerdenine oklap gidiberýän pelekeş pyýada polat ýola işe ýollanýar. Boýnyuzyn demir yol duralgasynda yönekeý işçilikden käre öwrenişip, örän jogapkärli strelkaçylyk ynanylýar. Kesbine juda jürlük, ünslülik bilen gijesi-gündizi irewde-birew otlularyň howpsuz gatnawyny üpjünlemekde esger gaýymlygy, tutanýerliligi, başarjaňlygy bilen polat menzilde polat kimin taplanyp, biregne çärýek asyr gulluk edýär. Sap, misilsiz zähmeti gymmat bahaly sylaglardyr hormat hatlar bilen bellenilýär. Ýetmiş dokuzdan bäri hormatly dynç alşyň hözirini görýär.

Resul aga özüniň hakyky watançylygyny, ynsanperwerligini, asuda asmana, eşretleriň ählisiniň enesi jomart topraga çirksiz söýgüsini many-maňyzly durmuş ýoly bilen subut etdi. Ol her sekundy gyzylyň gyryndysyna deňelýän wagta elmydama örän aýawly garaýar. Onuň ýekeje minudyny bihuda geçirmeýär. Gurbatynyň çatdygyndan bagbançylyk edýär, mellegindäki miweli daragtlaryna serenjam berýär, boldan bol bar getirmeginiň

aladasyna gurşalýar. Jemgyýet, jemagat bilen bir dem alýar. Ýaşlardyr beýleki ýaşdakylar bilen duşuşyklarda goja esgeriň, babadaýhan nesliniň, demirýolçynyň söhbetini tutuş mähelle durky bilen gulaga öwrülip diňleýär. Çünki onuň külterlän ömür yoly her gatlagyň wekillerine – okuwçylarmy, kärhanalaryň işçilerimi, daýhan birleşikleriniň agzalarymy, kärendeçilermi ýa gaýry kesp-kärdäkilermi… hemme üçin nusga, görelde, misilsiz mekdep. Ulus-il öz şu zeýilli merdanalaryna guwanýar.
«Watan» gazeti, 07.05.2005 ý. Ýatlamalar